**TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE MINISTRLIGI**

744028, Türkmenistan,
Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156,
Tel.: 39-45-05; faks: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

**MINISTRY OF FINANCE OF TURKMENISTAN**

744028, 156, Archabil avenue,
Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 39-45-05; fax: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

«16» 02 2012 ý. № 10/470

**Ministrliklere we pudak edaralaryna**

Türkmenistanyň Prezidentiniň "Esasy serişdelere hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberlerini tassyklamak hakynda" 2012-nji ýylyň 10-njy fewralynda çykaran 12053 belgili karary bilen, Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynyň milli hem-de halkara standartlaryna geçen, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýerli we daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, olaryň şahamçalary we wekillikleri hem-de salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen ulgamyna degişli bolmadyk telekeçilik işini amala aşyrýan şahsy taraplar üçin esasy serişdelere hasaplanýan ulanyş tutumlarynyň aşakdaky aňryçäk möçberleri tassyklanyldy.

| Topary | Esasy serişdeleriň toparlara bölünen görnüşleri | Ulanyş tutumlarynyň aňryçäk möçberleri (%) |
|---|---|---|
| I | Jaýlar we desgalar (ýygnalýandan, sökülýänden we tirkelip hereketlendirilýänden hem-de agaçdan we tiz zaýalanýan materiallardan gurlanlardan ýa-da gurnalanlardan başgalary) | 5 |
| II | Ýygnalýan, sökülýän we tirkelip hereketlendirilýän hem-de agaçdan we tiz zaýalanýan materiallardan gurlan ýa-da gurnalan jaýlar we desgalar | 12 |
| III | Maşynlar, enjamlar we güýç beriji, geçiriji maşynlar we enjamlar hem-de ulag serişdeleri | 20 |
| IV | Elektron-hasaplaýjy maşynlar we enjamlar | 25 |
| V | Ýokardaky toparlara girmedik esasy serişdeler | 15 |

"Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran "Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda" 11139 belgili kararyna laýyklykda, kredit edaralary 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçmegi, ykdysady subýektler (kredit edaralaryndan başgasy) 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap tapgyrlaýyn, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmäge, maliýe hasabatlylygynyň düzülmegine we berilmegine doly geçmegi amala aşyrýarlar.

Ýokarda bellenilip geçilenleri öz garamagyňyzdaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň dykgatyna ýetirmegiňizi haýyş edýäris.

**Ministr** **D. Sadykow**